# Atalar sözi – akylyñ gözi

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Atalar sözi – akylyñ gözi

ATALAR SÖZI ~ AKYLYÑ GÖZI

▶ NAKYLLAR

● Puluñ köpi gözüñi gyzardar, azy-ýüzüñi gyzardar.
● Köneden hem gaç ýönedenem.
● Bir gün aýan bolar ýaşyrlan syrlar,
● Gizlin buka gelen äşgäre guzlar.
● Gereksiz wagty iýmlemeseñ, gerek wagty at tapdyrmaz.
● Gula ýona gerek, özem ýöne gerek.
● Ölegen malym, tölegen malym.
● Mallyñ maýdajyk ýasy tükenmez.
● Eýe gözi em dälmi, sypalasa iým dälmi?!
● Suw geçmezi tiksemem, gum geçmez-ä  bilmedim?
● Galsañ ogul eline, mydar eýle geline.
● Könede baha bolsady, bit bazaryna nur ýagardy.
● Eşegim bolsady, gulagyny-da keserdim.
● Jüýjäñ bagty bolan bolsady, enesini emerdi.
● Dogdygymdan düşdügim öý, döndügümden öçdügüm.
● Äre giden bilen göre giden dolanmasa ýagşy.
● Gözi dänede bolan guşuñ aýagy duzakdan sypmaz.
● Gurduñ tüýi düşse-de hüýi düşmez.
● Gurt garraman ýüzigaralykdan çykmaz.
● Gelin girmedik öý bolar, ölüm girmedik öý bolmaz.
● Barly bolsun, barsyz bolsun öýüñ bolsun.
● Gyñyr bolsun, gyşyk bolsun äriñ bolsun.
● Gyzyñ özi çuwalda, sepi sandykda.
● Söz dokuz bogundyr, boga-boga sözle, düwe-düwe gizle.
● Akar suw çeşme bolsa ýatyp içme,
Asylzada köpri bolsa basyp geçme.
● Ulynyñ uýalasy gelse kiçä deger.

● Bergi gowy güne galmaz.
● Dört diwary ýok weli, hoz agajyndan gapysy bar.
● Ata başga atdan düşmez, ene başga hal soraşmaz.
● Ähli ýollar öwlüýäleñ deñinden geçýär.
● Agaçlar dik duran ýerinde ölýärler.
● At – müneniñki, ýarag – tutanyñky.
● Gyş geçer, ýüzügaralyk kömüre galar.
● Guzy aýdarmyş:
Enem işşek, atam goç,
Men dogdygym öýlän göç.
● Owlak:
Enem şatyr, atam gotur,
Men dogamsoñ üç gün otur.
● Guzy dogsa gara göm,  owlak dogsa gora göm.
● Geçer gider bu gyzzyk (açlyk),  utanar bugdaýly bizzik.
● Gotur elden ýokar, bela dilden.
● Kel tebiplik bilmese-de öz başyne em eder.

● Erkek sesli aýalda uýat bolmaz, aýal sesli erkekde kuwwat.

● Ysytmany ýaşyranyñ üsgülewigi aýan eder.
● Göz agyry ýaman dert, hem yrandyrar hem bürendirer.
● Geçiñ çykan depesine owlagy-da çykar.
● Gyzly öýde güýe durmaz.

Toplan: Aşyr SALYH OGLY.

Sözler